# Pursatlar -3: Ant

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pursatlar -3: Ant ANT

– Gel, mugallym, gel!
Tanyş ýaly bolsa-da, men ony tanaýardym. Bir pursat beýnime agram salyp oýlanymda, hälki owaz gyjyt gatyşykly ýaňlandy.
– Garrapsyň mugallym, garrapsyň – Yzyndanam öz-özüne diýýän ýaly pessaý äheňde hüňürdedi: – Ondam bäri nije aýlar, nije ýyllar geçdi.
– Bagyşla, ýaşuly, sesiň-ä tanyş weli, adyň hakydama gelenok.
– Tanamasaň, maňa Sapa ketde diýýärler.
Şobada bar zat Aý dogan ýaly boldy. Gojany hoşwagtlyk bilen gujaklap, ötenden-geçenden, bolandan-goýandan köne saman agtardyk. Gürrüň uşlybyny çöşläp oturşymyza, men öz ýanymdan: «Anty berin ýadyndamyka munuň» diýip oýlanymda, ol pikirimi gözümden okan şekilde menden öňürtdi.
Sapa ketde haýsydyr bir zady ýadyna saljak bolup, sözüne dyngy berende, uruş ýyllarynyň bir wakasy göz atuwyma geldi.
… Ol haýbatly urşuň jygba-jyg günleriniň birinde bolupdy. Men Mara göçüp gitmekçi bolamsoň, ikindinara ýygnanyşýan brigadirler bilen hoşlaşmak üçin kolhozyň edarasyna barypdym. Adamlar jemlenişen ekeni. Başlygam kän garaşdyrmady. Ol daýaw, doňuz nogtalabermeli bolansoň, aňrydan dars-dars edip geläge-de, kimdir birine ajysuny pürküp başlady: «Plany dolmasaň, men seni Sibir ederin, batalýona gümüňi çekerin» diýip, birgiden nähajat gürrüňleri ýagdyrdy. Ol şonuň bilen agzynyň zägini döküp gutarmady. Kimdir biriniň tarapyndan arkasy tutulyp, edeni geçilýän Sapa ketde az salymyň içinde hemmä ulykjyn berdi: «Ýal ýagysy eşşekler, işleýşiňiz şü bolsa, puranta gidersiňiz». Ol soňra popuş ýüzüniň derini syryp, biraz doňuz diňini salansoň, ýeke-täk aýal brigadir Güljemala gyjydyny ýetirip başlady:
– Sen heleý, näme iş üstünde görünmeýäň? Ýa gitýän-goýýan ýeriň barmy? Aý, şeýledir-le, jöwenlerem-ä boý alyp ýetişdi,

tüweleme. Hä-ä-hä – diýip, süwümsiz güles-ýalas edende, namys aty gelniñ juwan kalbyny gamçylan bolsa gerek. Ol erkine edem edip bilmedi, zöwwe ornundan galyp, başlyga tarap ýöneldi.
– Ýygnak gutaranok, Güljemal, nirä gelýäñ?
– Nirede bolanymy saña aýtjak!
– Şo ýerde aýdyber, men ker däl.
– Ýok, diñe özüñe diýjek – diýip, brigadir gelin dähedem-dessem ýöräp baransoñ, Sapa ketdäniñ gulagyna çawuş çakjak ýaly etdi-de, şo pursatda onuñ agzyna ýelimli köwüşi bilen ýelmäp goýberdi.
Orta ýylan oklanan ýaly bolsa-da, başlyk muny ýüzüne alyp oturmady. Adamlar huşuna gelýänçä, ol ezberlik bilen oturanlara ýüzlendi:
– Güljemal dogry etdi. Dagy-duwara agzyma hapa söz alaýsam, telpegim itiñ syrtyna. Şoña ant içýän, ýöne şu waka şu ýerde galsyn, adamlar!

Hangeldi GARABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Hekaýalar